Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň
2018-nji ýylyň 18-nji dekabrynda çykaran 159-Ö belgili

**B U Ý R U G Y**

# Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2014-nji ýylyň 11-nji aprelinde çykaran 35-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanan, Türkmenistanyň zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak edaralary tarapyndan administratiw hukuk bozulmalary baradaky işlere seredilmeginiň tertibi hakynda Düzgünnama üýtgetmeler we goşmaça girizmek hakynda

(Türkmenistanyň ministrlikleriniň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň,
halk maslahatlarynyň we häkimleriň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň Ýygyndysy,
2019 ý., № 1, 24-nji sahypa)

Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksine laýyklykda Türkmenistanyň zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak edaralary tarapyndan administratiw hukuk bozulmalary baradaky işlere seredilmeginiň tertibini kämilleşdirmek maksady bilen, **buýurýaryn:**

1. Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2014-nji ýylyň 29-njy aprelinde 759 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2014-nji ýylyň 11-nji aprelinde çykaran 35-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanylan, Türkmenistanyň zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak edaralary tarapyndan administratiw hukuk bozulmalary baradaky işlere seredilmeginiň tertibi hakynda Düzgünnamada:

1) ýigrimi birinji böleginde “zähmet depderçesiniň berilmeginiň gijikdirilmegine,” diýen sözlerden soň “zähmet depderçesiniň bellenilmedik nusgasynyň resmileşdirilmegine,” diýen sözleri goşmaly;

2) otuz altynjy böleginde “wezipeli adamlara binýatlyk mukdaryň birisinden ikisine çenli möçberde jerime salynýar” diýen sözleri “wezipeli adamlara binýatlyk mukdaryň ikisinden dördüsine çenli möçberde jerime salynýar” diýen sözler bilen çalşyrmaly;

3) otuz ýedinji böleginde “wezipeli adamlara binýatlyk mukdaryň ikisinden dördüsine çenli möçberde jerime salynýar” diýen sözleri “wezipeli adamlara binýatlyk mukdaryň dördüsinden altysyna çenli möçberde jerime salynýar” diýen sözler bilen çalşyrmaly.

2. Şu buýrugyň döwlet belligine alnan gününden başlap, 10 (on) iş günüň dowamynda resmi çap edilmegini üpjün etmeli we resmi çap edilen güni bu barada Türkmenistanyň Adalat ministrligine habar bermeli.

3. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Ministriň orunbasary H.Taçjanowa gözegçilik etmeli.

**Ministr** **M.Sylapow**

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2019-njy ýylyň 14-nji ýanwarynda 1184 bellige
alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan.